THE
ASHGABAT
TIMES

# SANLARYŇ GADYMY ATLARY WE OLAR BILEN BAGLY DÜŞÜNJELER

Sanlar we olaryň döreýiş taryhy baradaky maglumatlar giňden ýaýrasa-da, olaryň dürli ýerlerde nähili atlandyrylandygy hem-de olar bilen bagly düşünjeleriň haýsylardygy bizi diýseň gyzyklandyrýar. Sanlaryň ilkinji dörän ýerleriniň gadymy Gresiýa, Rim we Hindistan ýaly ýurtlardygy bize ozaldan mälim. Maglumatlara görä ady agzalan ýurtlarda we arap, pars döwletlerinde 0-dan 10-a çenli sanlar indiki görnüşde atlandyrylypdyr.

Grekçe: miden, mono, dio, trio, tetra, penta, geksa, septa, okto, enia, deka.

Rimçe: zero, unos, duos, tres, kuattor, kuýinku, siks, septem, okto, nowem, desem.

Hindiçe: sunýa, ýek, du, tin, çar, panç, çah, sat, ath, nau, das.

Parsça: syfr, ýak, do, se, çar, panç, şeş, heft, häşt, nun, dah.

Arapça: sifer, wahad, itnan, talata, arbaa, namiza, sitta, sabaa, tamaniýa, tizaa, aşara.

Grek sanlarynyň atlaryna köplenç gabatlaşýan monolog, monoton, monografiýa, diolog, diod, trigonometriýa (üçburçlygy öwrenän ylym), tetraedr (dörtgranlyk), pentagon (bäşburçlyk), geksaedr (altygranlyk), oktaedr (sekizgranlyk), oktagon (sekizburçlyk) ýaly sözlerde, Rim sanlarynyň atlaryna sentýabr (september), oktýabr (october), noýabr (november), dekabr (december) aýlarynyň atlarynda duş gelmek bolýar.

Nol sanyň hindiçe we arapça atlandyrylmasyndan häziki wagtda ulanylýan “san” we “sifr” diýen düşünjeler döräpdir. Hindi-pars san atlandyrmasyndaky 1-den 5-ä çenli sanlaryň atlaryna hepdäniň Ýekşenbe, Duşenbe, Sişenbe, Çarşenbe, Penşenbe günleriniň atlarynda gabatlaşmak bolýar. Olardan başga-da, ýeke (ýak), dutar (du), Çary (çar), penje (panç), şeş-beş (şeş), hepde (heft), dähedem-dessem (dah, das), araba (arbaa) sözlerinde hindi, arap, pars san atlaryny görmek bolýar.

Görnüşi ýaly, san atlary bizi gurşap alýan hadysalar, jisimler we atlar bilen berk bagly. Şeýle baglanyşyklary köpçülige ýetirmek, okuwçylarda we talyp ýaşlarda sanlary we olar bilen bagly düşünjeleri öwrenmäge bolan höwesini has-da artdyrar.

**Şiraly BAÝEKOW**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky**
**Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň**

Все права защищены

22.11.2024

**Matematika we ony okatmagyň usulyýeti kafedrasynyň müdiri**

Все права защищены